# Oýlan gyz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Oýlan gyz OÝLAN GYZ

Oýlan gyz, oňatja, seljerip, görüp,
Jogap berjek bolma, sen başdan sowma.
«Saňa geregi şu» diýmesin görip,
Sabyrly çemeleş, howlukma, äwme.

Ozal, oýlan, seni sulhum alypdyr,
Soňra oýlan, kalbym aşyk bolupdyr,
Bu şeýledir, sebäp, Hudaý halapdyr,
Wysala garaşýan, umydym döwme.

Dolsaň gujagyma jennetdir maňa,
«Toba» diýip, eliň eltme ýakaňa,
Çekdirme gyz näziň, minnetdir maňa,
Öň nä günde, daban astyny köwme.

Depäm göge ýeter ýylgyryp baksaň,
Ruhum heýjan eýlär lebleňe ýaksaň,
Dünýäm weýran bolar garşyma çyksaň,
Göräýsem, men-de bir bagtymda çüwme.

Gelinleň soltany, gyzlara nusga,
Juwanlyk adamda şeýle bir gysga,
Ar alyp, paş eýläp edäýme ryswa,
Beter beýle depip, beýnime çöwme.

Gara günde gezýän, günüme goýmaz,
Ak girip, aň girmez, akly goýalmaz,
«Ýeser ýerçeken sen, ýüzüne almaz»,
Diýip, şyltak atyp, sen maňa sögme.

Pisindiň otursa, piňiň ýitirme,
Bitakat garaşýan, wagtym ötürme,
Bimar-hassa hala bela getirme,

Ýüregim mynçgalap, bagrymy owma.

«Meslikden bu» diýip, aýyp ýöňkeme,
Garaýşyňda düşnükli-le seňkem-ä,
Alaç tapman, arzym aýtman hiç kime,
Agyr ýüküm, zordan, çekýän ýarowma.

Awum sen, bürgüt men, şaglap ineýin,
Mähir-muhabbetden doýup-ganaýyn,
Aşyk Illi, ahyr aýdyp dynaýyn,
Gujak aç, garşy al, sen meni kowma.

Ilmämmet ALLAGULYÝEW. Goşgular